# Hakyky şahyr

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Hakyky şahyr HAKYKY ŞAHYR




*Allaýar Çüriýewe bagyşlanýar*
Ol dünýä hakda
Ýazýar aldaman.
Ýalan söz bile
Göwni aldaman.

Ol dünýä hakda
Ýazýar aldaman.
Kimseler böwet
Bolýar goldaman.

Ol dünýä hakda
Ýazýar aldaman.
Kimseler ýüzi

Sowýar halaman.

Ol dünýä hakda
Ýazýar aldaman.
Kimseler okap,
Bilmez aglaman.

Ol dünýä hakda
Ýazýar aldaman.
Özüni şöhrat
Ada baglaman.

Ol dünýä hakda
Ýazýar aglaman.
Ah, kyn bolsa-da,
Ýazýar aglaman.

29.02.2024 ý. Goşgular